«7/24.tm»: «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy
№ 30 (217)
22.07.2024

TÜRKMENISTAN SPORT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

7/24.tm

TURKMENISTAN

# BOSAGADA OLIMPIADA




## TÜRKMENISTANYŇ SPORT WEKILIÝETI TOMUSKY OLIMPIÝA OÝUNLARYNA GATNAŞMAK ÜÇIN PARIŽ ŞÄHERINE UGRAÝAR



# HEPDÄNIŇ HABARLARY

◆ **16.07.2024 ý.** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde «Türkmenistan — BMG» Strategik maslahat beriş geňeşiniň ikinji mejlisi geçirildi. Mejlisiň gün tertibine BMG-niň Baş Sekretarynyň Türkmenistana amala aşyran saparynyň netijelerine garamak, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, 2025-nji ýyl» atly kararnamasyny durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanda we daşary ýurtlarda geçirilmeli çäreleriň Meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak ýaly meseleler girizildi.

◆ **16.07.2024 ý.** Daşkent şäherinde Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-özbek toparynyň on sekizinji mejlisi geçirildi. Türkmen tarapyndan mejlisiň işine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary B. Atdaýewiň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn edaralarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.

◆ **16.07.2024 ý.** Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Ilçisi Nurlan Nogaýew bilen duşuşyk geçirdi. Ilçi özüniň ynanç hatynyň nusgalaryny gowşurdy. R.Meredow Ilçini jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen gutlady we türkmen tarapynyň onuň diplomatik işinde zerur bolan goldawy we ýardamlary bermäge taýýardygyny beýan etdi.

◆ **17.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Nurlan Nogaýewi kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

◆ **17.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili hanym Jalpa Ratnany kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

◆ **19.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere garaldy.

**www.tdh.gov.tm**

# УСПЕХ ТУРКМЕНСКИХ ФУТБОЛИСТОВ

◆ Хорошая новость пришла из столицы Узбекистана – Ташкента, где вчера завершился международный турнир по футболу «AFL Kids Cup-2024» среди детей и подростков. Выступая в трёх возрастных группах, туркменские команды в двух соревнованиях одержали победы и в одном – завоевали серебряные медали.

Награды высшей пробы наши юные соотечественники завоевали в возрастных группах спортсменов 2012 года рождения, где отличилась команда «Batly», и 2014 года рождения, где лучшими оказались футболисты «Gökje». В обоих случаях за медали боролись по шесть команд, но именно туркменистанцы вышли победителями. Более того, полузащитник «Gökje» Аманмурад Реджепов был признан лучшим игроком турнира.

Вице-чемпионами стали представители команды «Çandybil», отличившиеся в группе спортсменов 2009 года рождения. Соперниками ашхабадцев были четыре футбольных коллектива из Узбекистана и одна из Кыргызстана. Лишь в решающем поединке наши спортсмены уступили представителям хозяев турнира, а капитана команды «Çandybil» Аманмырата Чарыева организаторы соревнований признали лучшим нападающим.

Столь значительный успех юных туркменистанцев неслучаен, поскольку для них созданы все условия для плодотворных и качественных тренировок. В годы независимости нашей страны по инициативе Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедова и продолжающего его дело по развитию спорта Президента Сердара Бердымухамедова по всей стране возведены сотни современных спортивных комплексов и спортшкол, где занимаются молодые и талантливые туркменские спортсмены.

Поздравляем наших юных футболистов с этими большими достижениями и ждём от них новых побед!

**Дмитрий ГОРШКОВ,**
**журналист.**

# ÝAŞAJYK FUTBOLÇYLARYŇ ÜSTÜNLIGI

**◆ Ýaşajyk türkmen futbolçylary Daşkent şäherinde geçirilen «AFL Kids Cup — 2024» atly halkara ýaryşda üstünlikli çykyş edip, iki altyn, bir bürünç medala mynasyp boldular.**

**Ýaryşda altyn medallary «Batly» we «Gökje» futbol toparlary gazandy. Bu toparlaryň birinjisi 2012-nji ýylda doglan we şondan hem kiçi ýaşly okuwçylardan, ikinjisi bolsa 2014-nji ýylda doglan hem-de şondan kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryndan ybaratdyr. 2009-njy ýylda doglan ýetginjeklerden düzülen «Çandybil» futbol topary bolsa kümüş medal bilen ýaryşyň hormat münberine çykmagy başardy.**

**Soňky ýyllarda geçirilmegi däbe öwrülen «AFL Kids Cup» ýaryşy çagalaryň arasynda futboly wagyz etmekde we geljekki ýyldyzlary ýüze çykarmakda uly ähmiýete eýedir. Ýaryşy guraýjylardyr dürli ýurtlardan gelen futbol jemgyýetçiliginiň wekilleri türkmenistanly toparlaryň başarnygyna ýokary baha berdiler.**



# TÜRKMENISTANLY SÜRÜJILER HORMAT MÜNBERINE ÇYKDYLAR

◆ 5 — 15-nji iýul aralygynda geçirilen «Ýüpek ýoly — 2024» rallireýdine milli türgenlerimiz hem gatnaşdylar. 14-nji gezek geçirilen «Ýüpek ýoly» halkara awtoralli ýaryşy Russiýa Federasiýasynda başlanyp, Mongoliýanyň Ulan-Bator şäherinde tamamlandy. 13 döwletden 100-e golaý toparyň gatnaşmagynda 11 günläp dowam eden ýaryşda oňa gatnaşyjylar Altaý daglarynyň we Gobi çölüniň çarkandakly ýollaryndan geçdiler.

Türkmenistanly doganlar ulagy dolandyryjy Merdan Toýlyýewden we şturman Şöhrat Toýlyýewden ybarat topar «T2», ýagny ýolsuz ýerlerde ulag sürmek boýunça ýaryşda 2-nji orny, Maksatmyrat Daňatarow bilen Didar Orazmedowdan ybarat topar 3-nji orny eýeledi. Ildeşlerimizden Meýlis Abdullaýew bilen Italmaz Çaryýewden ybarat toparyň hem ilkinji bäşlige girendigini aýtmak gerek. Ýaryşyň bu görnüşinde russiýaly Andreý Suşenowdan we Aleksandr Şanowdan ybarat topar ýeňiji boldy.



# DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY BAŞ MÜDIRLIGINIŇ SPORT MEKDEPLERI ÇAGALARY TÜRGENLEŞIGE ÇAGYRÝAR

**◆ DAŞOGUZ WELAÝATYNYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY BAŞ MÜDIRLIGINIŇ GARAMAGYNDAKY SPORT MEKDEPLERINDE SPORTUŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA TÄLIM BERILÝÄR. 2024-2025-nji OKUW ÝÝLYNDA ÇAGALAR SPORTUŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA SPORT MEKDEPLERINE 2024-nji ÝYLYŇ IÝUL-AWGUST AÝLARY KABUL EDILÝÄR.**

**Daşoguz şäheriniň 1-nji sport mekdebi**
1. Futbol
2. Küşt
3. Agyr atletika
4. Pauerlifting
5. Stol tennisi
6. Tennis
7. Welosport
8. Sambo
9. Boks
10. Dzýudo

**Daşoguz şäheriniň Magtymguly şaýolunyň 137-nji jaýy.
Telefon belgisi: 800322-7-69-19; 800322-7-70-80.**

**Daşoguz şäheriniň 2-nji sport mekdebi**
1. Grek rim göreşi
2. Erkin göreş
3. Dzýudo
4. Sambo

**Daşoguz şäheriniň Magtymguly şaýolunyň 113-nji jaýy.
Telefon belgisi: 800322-7-41-98.**

**Daşoguz şäheriniň 3-nji sport mekdebi**
1. Boks
2. Grek-rim göreşi
3. Erkin göreş
4. Küşt
5. Kýokuşinkaý karate
6. Basketbol
7. Woleýbol
8. Gandbol
9. Futbol
10. Söweş sungaty

**Daşoguz şäheriniň Şagadam köçesiniň 1-nji «A» jaýy.
Telefon belgisi: 800322-2-96-56.**

**Daşoguz şäheriniň 4-nji sport mekdebi**
1. Woleýbol
2. Grek-rim göreşi
3. Welosport
4. Çeperçilik gimnastikasy
5. Söweş sungaty
6. Suwda ýüzmek
7. Uşu
8. Teakwando
9. Kýokuşinkaý karate
10. Küşt

**Daşoguz şäheriniň Bitaraplyk şaýolunyň 103/4-nji jaýy.
Telefon belgisi: 800322-9-79-60.**

**Daşoguz şäheriniň 5-nji sport mekdebi**
1. Boks
2. Futbol
3. Futzal
4. Basketbol
5. Ýeňil atletika
6. Grek-rim göreşi
7. Kýokuşinkaý karate
8. Adaty karate
9. Taýboks
10. Kikboksing

**Daşoguz şäheriniň Daşoguz köçesiniň 7-nji jaýy.
Telefon belgisi: 800322-9-35-61.**

**Daşoguz şäheriniň 6-njy sport mekdebi**
1. Woleýbol

**Daşoguz şäheriniň 10 ýyl abadançylyk köçesiniň 1-nji jaýy.
Telefon belgisi: 800322-5-78-58.**

**Daşoguz şäheriniň 7-nji sport mekdebi**
1. Boks
2. Woleýbol
3. Grek-rim göreşi
4. Futbol
5. Futzal
6. Taýboks
7. Kýokuşinkaý karate
8. Welosport
9. Söweş sungaty

**Daşoguz şäheriniň Aýly gije köçesiniň 1/1 jaýy.**

**Görogly etrabynyň 1-nji sport mekdebi**
1. Stol tennisi
2. Milli göreş
3. Woleýbol
4. Futbol
5. Kýokuşinkaý karate
6. Şaşka

**Görogly etrabynyň Görogly şäheriniň Gurbansoltan eje köçesiniň 1/1 jaýy.
Telefon belgisi: 800340-33-0-75.**

**Görogly etrabynyň 2-nji sport mekdebi**
1. Milli göreş
2. Woleýbol
3. Futbol
4. Adaty karate
5. Stol tennisi

**Görogly etrabynyň Görogly şäheriniň Bitaraplyk köçesiniň 2-nji jaýy.
Telefon belgisi: 800340-30-3-17.**

**Görogly etrabynyň 3-nji sport mekdebi**
1. Woleýbol
2. Futbol
3. Ýeňil atletika
4. Sport gimnastikasy
5. Kýokuşinkaý karate
6. Stol tennisi
7. Milli göreş
8. Tennis

**Görogly etrabynyň Bereket geňeşliginiň Döwletli köçesi.
Telefon belgisi: 800340-33-0-64.**

**Şabat etrabynyň 1-nji sport mekdebi**
1. Futbol
2. Woleýbol
3. Erkin göreş
4. Grek-rim göreşi
5. Boks
6. Kýokuşinkaý karate
7. Kikboksing
8. Ýaýdan ok atmak

**Şabat etrabynyň Şabat şäheriniň Daşoguz köçesiniň 9-njy jaýy.**

**Şabat etrabynyň 2-nji sport mekdebi**
1. Grek-rim göreşi
2. Kuraş
3. Sambo
4. Pauerlifting
5. Futbol
6. Futzal
7. Boks
8. Erkin göreş

**Şabat etrabynyň S.Rozmetow adyndaky şäherçesiniň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 2 «A» jaýy.**

**Akdepe etrabynyň 1-nji sport mekdebi**
1. Basketbol
2. Futbol
3. Stol tennisi

**Akdepe etrabynyň Akdepe şäheriniň Ş.Taganow köçesiniň 96-njy jaýy.
Telefon belgisi: 800344-3-03-81.**

**Akdepe etrabynyň 2-nji sport mekdebi**

1. Futbol
2. Stol tennisi
3. Woleýbol
4. Basketbol
5. Adaty karate
6. Ýaýdan ok atmak
7. Milli göreş
8. Boks

**Akdepe etrabynyň Akdepe şäheriniň S. Türkmenbaşy köçesiniň 80-nji jaýy.**
**Telefon belgisi: 800344-3-18-75.**

**Akdepe etrabynyň 3-nji sport mekdebi**

1. Basketbol
2. Woleýbol
3. Futbol
4. Milli göreş
5. Stol tennisi

**Akdepe etrabynyň Orazgeldi Ärsaryýew adyndaky şäherçesiniň Galkynyş köçesiniň 1/1 jaýy.**

**Akdepe etrabynyň 4-nji sport mekdebi**

1. Erkin göreş
2. Agyr atletika
3. Futbol
4. Gandbol
5. Kýokuşinkaý karate
6. Pauerlifting

**Akdepe etrabynyň Andalyp şäheriniň Türkmenbaşy şaýolunyň 3 «A» jaýy.**
**Telefon belgisi: 800344-3-27-23.**

**Akdepe etrabynyň 5-nji sport mekdebi**

1. Woleýbol
2. Futbol

**Akdepe etrabynyň Andalyp şäheriniň N.Andalyp köçesiniň 8-nji jaýy.**
**Telefon belgisi: 800344-2-09-36.**

**Akdepe etrabynyň 6-njy sport mekdebi**

1. Futbol
2. Agyr atletika
3. Woleýbol
4. Milli göreş
5. Kýokuşinkaý karate
6. Taýboksing
7. Kenarýaka woleýboly

**Akdepe etrabynyň R.Ataýew adyndaky şäherçesiniň Ruhabat köçesiniň 6-njy jaýy.**
**Telefon belgisi: 800344-2-40-13.**

**Akdepe etrabynyň 7-nji sport mekdebi**

1. Basketbol
2. Woleýbol
3. Futbol
4. Agyr atletika
5. Erkin göreş
6. Tennis
7. Stol tennisi

**Akdepe etrabynyň N.Andalyp adyndaky geňeşliginiň Ý.Reýimow köçesiniň 20-nji jaýy.**
**Telefon belgisi: 800344-4-23-69.**

**Akdepe etrabynyň agyr atletika sport mekdebi**

1. Agyr atletika

**Akdepe etrabynyň N.Andalyp adyndaky geňeşliginiň Serdar köçesiniň 2-nji jaýy.**

**Boldumsaz etrabynyň 1-nji sport mekdebi**

1. Futbol
2. Gandbol
3. Woleýbol
4. Ýeňil atletika
5. Erkin göreş
6. Milli göreş
7. Küşt
8. Kýokuşinkaý karate
9. Söweş sungaty

**Boldumsaz etrabynyň Boldumsaz şäheriniň Garaşsyzlyk köçesiniň 37-nji jaýy.**
**Telefon belgisi: 800345-3-10-11.**

**Boldumsaz etrabynyň 2-nji sport mekdebi**

1. Woleýbol
2. Basketbol
3. Futbol
4. Kabaddi
5. Şaşka
6. Küşt
7. Karate-do
8. Boks
9. Kikboksing
10. Grek-rim göreşi
11. Ýeňil atletika
12. Düzzüm

**Boldumsaz etrabynyň Gubadag şäheriniň D.Azady köçesiniň 27-nji jaýy.**
**Telefon belgisi: 800346-4-00-12.**

**Köneürgenç etrabynyň 1-nji sport mekdebi**

1. Erkin göreş
2. Gandbol
3. Futbol
4. Dzýudo
5. Sambo
6. Uşu
7. Tennis
8. Futzal
9. Adaty karate
10. Taýboks

**Köneürgenç etrabynyň Köneürgenç şäheriniň Gündogar köçesiniň 25-nji jaýy.**
**Telefon belgisi: 800347-3-60-41.**

**Köneürgenç etrabynyň 2-nji sport mekdebi**

1. Milli göreş
2. Düzzüm
3. Woleýbol
4. Futbol
5. Uşu
6. Dzýudo
7. Agyr atletika

**Köneürgenç etrabynyň Bereket şäherçesiniň Gürgenç köçesiniň 31-nji jaýy.**

**S. Türkmenbaşy etrabynyň 1-nji sport mekdebi**

1. Woleýbol
2. Futbol
3. Stol tennisi
4. Milli göreş
5. Şaşka

**S.Türkmenbaşy etrabynyň S.Türkmenbaşy şäheriniň Aşgabat köçesiniň 41-nji jaýy.**

**S. Türkmenbaşy etrabynyň 2-nji sport mekdebi**

1. Milli göreş
2. Futbol
3. Woleýbol
4. Stol tennisi

**S.Türkmenbaşy etrabynyň S.Türkmenbaşy şäheriniň Görelde köçesiniň 40-njy jaýy.**

**S. Türkmenbaşy etrabynyň 3-nji sport mekdebi**

1. Woleýbol
2. Futbol

**S.Türkmenbaşy etrabynyň S.Türkmenbaşy şäheriniň Azady köçesiniň 32-nji jaýy.**

**Ruhubelent etrabynyň 1-nji sport mekdebi**

1. Futbol
2. Grek-rim göreşi
3. Basketbol
4. Ýeňil atletika
5. Stol tennisi

**Ruhubelent etrabynyň Ruhubelent şäherçesiniň Şagadam geňeşliginiň Galkynyş köçesiniň 2-nji jaýy.**

**Ruhubelent etrabynyň 2-nji sport mekdebi**

1. Basketbol
2. Stol tennisi
3. Kýokuşinkaý karate
4. Boks
5. Milli göreş

**Ruhubelent etrabynyň Şagadam geňeşliginiň Türkmenistan daýhan obasynyň Türkmenistan köçesiniň 1-nji jaýy.**



# FESTIWAL HALKLARY DOSTLAŞDYRÝAR



◆ Hormatly Prezidentimiz dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna, şol sanda ýurdumyzyň köpugurly we toplumlaýyn daşary syýasatynyň amala aşyrylmagyna aýratyn uly üns berýär. Şu jähtden, ýurdumyz özara bähbitli ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklary işjeňleşdirmek, medeni-ynsanperwer ulgamda netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem ösdürmek babatynda anyk ädimleri ädýär, iri düzümleýin taslamalary amala aşyrýar.

Häzirki döwürde Russiýa Federasiýasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklaryň möhüm ugurlarynyň biri bolan ylym-bilim pudagynda, medeniýet ulgamynda has netijeli hyzmatdaşlyklar ýola goýuldy. Ýaňy ýakynda Türkmenistanyň ýaşlaryndan düzülen wekiliýetiň Omsk şäherinde geçirilen Russiýanyň we Merkezi Aziýa sebitiniň ýaşlarynyň döredijilik festiwalyna gatnaşmagy bu aýdylanlary doly aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Türkmen ýaşlaryndan düzülen wekiliýetiň düzümine Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň wekilleri, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň we Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýaş mugallymlarydyr talyplary gatnaşdylar. Iýun aýynyň 26 — 30-y aralygynda geçirilen bu festiwal ýaşlaryň döredijilik, sungat we intellektual işjeňliginiň has-da ýokarlandyrylmagyna gönükdirilip, ol «KHS, media», «Döredijilik» we «Dizaýn» atly üç bölümi öz içine aldy. «KHS, media» bölüminde ýaşlara medianyň häzirkizaman ugurlary, surata düşürmegiň we ony gaýtadan işlemegiň görnüşleri, täsirli wideo ýazgylary taýýarlamagyň usullary we başga-da bu ugra degişli möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşmak hem-de gerekli tejribeleri alyşmak üçin giň mümkinçilikler döredildi.

Russiýa Federasiýasynyň dürli künjeklerinden, şeýle-de, Merkezi Aziýa sebitinden gelen ýaşlary bir ýere jemlän döredijilik festiwalynyň Russiýa döwletiniň Ýaşlar gününiň bellenilýän dabarasyna gabat gelendigini aýratyn bellemek gerek. Dostlukly festiwalyň maksatnamasynyň çäklerinde festiwala gatnaşyjylaryň we myhmanlaryň köpçülikleýin lybaslarynyň görkezilişi guraldy. Şeýle hem, şol gün Russiýanyň taryhy-medeni şäheri bolan Omsk şäherinde baýramçylyk mynasybetli bu festiwala gatnaşmak üçin gelen ýaşlaryň bilelikde öz medeniýetini açyp görkezýän, sungatyny wasp edýän kompozisiýasy bilen açylan dabara myhmanlarda, ýerli ýaşaýjylarda uly täsir galdyrdy. Bu dostlukly festiwal Russiýanyň meşhur estrada ýyldyzlarynyň dabaraly konserti bilen dowam etdi. Ýaşlaryň döredijilik festiwalynyň çäginde geçirilen tejribe okuw sapaklary, dabaralara gatnaşan türkmen ýaşlarynda ýatdan çykmajak uly täsirler galdyrdy.

Türkmeniň at-abraýyny dünýä ýaýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Bagtygül DURDYÝEWA,**
**Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.**

# СТАРТОВАЛ НАБОР АБИТУРИЕНТОВ

**◆ На календаре – золотая середина лета. А это время для начала в нашей стране вступительной кампании в средние и высшие профессиональные учебные заведения. В рамках расширенного заседания Кабинета Министров Туркменистана, на котором традиционно для начала июля подводятся итоги работы различных отраслей национальной экономики за первое полугодие и обсуждается ход реализации принятых программ социально-экономического развития страны, особое внимание было уделено развитию сферы образования. В частности, речь шла о продолжении инновационных реформ, направленных на воспитание высокообразованного поколения, совершенствование учебных планов и программ, обеспечение образовательных учреждений учебниками и пособиями нового поколения.**

**В целом по стране вступительная кампания пройдёт с 15 июля по 26 августа непосредственно в местах расположения средних и высших профессиональных учебных заведений – в городах Ашхабад и Аркадаг, а также в велаятах, где представлена широкая сеть образовательных учреждений самого разного профиля подготовки, готовящих кадры среднего звена и высококвалифицированных специалистов с высшим образованием для различных секторов национальной экономики.**

**По традиции абитуриентов нынешнего года, так же как и их предшественников, ждут новые направления специализации, предусмотренные на этапах подготовки по программам специалиста, бакалавра и магистра. Такие новации в нынешнюю вступительную кампанию предусмотрены в семи высших учебных заведениях. В общей сложности в семи вузах нашей страны с предстоящего учебного года начнут готовить высококвалифицированные кадры по 12 новым направлениям подготовки, по четырём на каждом этапе обучения – специалиста, бакалавра и магистра. Десять новых специальностей пополнили учебные расписания четырёх средних профессиональных учебных заведений, расположенных в разных уголках нашей страны.**

**Эстафета вступительных экзаменов и зачисления в высшие учебные заведения в общей сложности начнётся с конца июля и завершится в начале третьей декады августа.**

**По материалам интернет-изданий.По материалам интернет-изданий.**

# ÇAGALARA DATLY SOWGAT

◆ Köpetdagyň etegindäki ajaýyp Gökdere jülgesinde ýerleşýän «Çynar» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalara edermen gallaçy daýhanlarymyzyň zähmet ýeňşi mynasybetli Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgatlar gowşuryldy. Häzirki wagtda bu ýerde ýurdumyzyň ähli künjeklerinden gelen mekdep okuwçylary bilen bir hatarda, Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalar hem tomusky dynç alyş möwsüminde wagtlaryny şatlykly geçirýärler.

Çagalar barada hemmetaraplaýyn alada, olaryň beden, ruhy taýdan sagdyn ösmegi üçin amatly şertleriň döredilmegi, ýaşajyk türkmenistanlylaryň bilim almaga, saglyklaryny berkitmäge, sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga we beýleki hukuklarynyň üpjün edilmegi Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylýan durmuş ugurly syýasatyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şunda ata-enesinden jyda düşen çagalaryň ýurdumyzda uly üns-alada bilen gurşalýandygyny bellemek gerek. Döwletimiz olaryň ýaşaýyş-durmuşy we bilim almagy üçin döredilýän mümkinçilikleri hemişe üns merkezinde saklap, çagalaryň özüni jemgyýetiň doly derejeli agzasy hökmünde duýmagy üçin ähli zerur şertleri döredýär. Milli Liderimiziň başlangyjy esasynda döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň howandarlygyndan galan çagalaryň, ýetginjekleriň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi ugrunda alnyp barylýan işler jemgyýetimiziň binýadyny emele getirýän ynsanperwer ýörelgeleriň dabaralanýandygyny aýdyň görkezýär.

Döwletliler köşgünde terbiýelenýän çagalar ýaş nesliň sazlaşykly ösmegi ugrunda döredilýän şertler hem-de edermen daýhanlarymyzyň zähmet ýeňşi mynasybetli iberilen sowgatlar üçin döwlet Baştutanymyza we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler.

# ДЕТЯМ, ПОЛУЧАЮЩИМ ЛЕЧЕНИЕ В АРКАДАГЕ, ВРУЧИЛИ ПОДАРКИ



◆ Дети, получающие лечение в Детском оздоровительно-реабилитационном центре имени Гурбангулы Бердымухамедова в городе Аркадаг, получили подарки от имени Президента Туркменистана и Национального Лидера туркменского народа.

Подарки были вручены в честь трудовой победы хлеборобов страны. Вручение подарков стало частью празднования успешной реализации социальной политики главы государства, основанной на гуманитарных принципах.

В ходе торжества состоялись выступления детей, выразивших искреннюю признательность главе Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедову и Президенту Сердару Бердымухамедову за последовательную заботу об их гармоничном развитии и здоровье.

# ÝURDUMYZYŇ EKSPORT KUWWATY

◆ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda belent sepgitlere ýetilýär. Ýurdumyzyň üstaşyr ulag geçirijilik we eksport mümkinçilikleri barha ýokarlanýar. Geografik taýdan amatly ýerde ýerleşýän hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyz sebit we yklym ähmiýetli möhüm ulag-üstaşyr we logistika merkez hökmünde eýeleýän ornuny ynamly berkidýär. Bu günki günde halk hojalygynyň pudaklaryny döwrebaplaşdyrmagyň we diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň, maliýe ulgamyny pugtalandyrmagyň, bazar gatnaşyklaryny, hususy telekeçiligi ösdürmegiň hasabyna milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary esasynda, hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli döwlet syýasaty netijesinde hususyýetçiligi ösdürmäge gönükdirilen işler has-da ýokarlanýar. Munuň özi bolsa, importuň ornuny tutýan harytlaryň ýurdumyzda öndürilip başlanmagyna, eksport edilýän harytlaryň barha artmagyna we Türkmenistanda öndürilen haryt nyşanly önümleriň dünýä bazaryna çykmagyna uly itergi berýär. Döwletimiziň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmakda, ýurdumyzyň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmekde, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň amala aşyrýan işleri möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki wagtda Gullugyň düzümleri döwrüň ösen talaplaryna doly laýyk gelýän harytlaryň we ulag serişdeleriniň gümrük barlagyny geçirmek üçin iň häzirki zaman gümrük barlag enjamlary we tehniki serişdeleri bilen doly üpjün edilýär. Döwlet gümrük gullugynyň işiniň has-da kämilleşdirilmegi ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ösüşinde möhüm orun eýeleýär. Eksporta ugradylýan milli harytlarymyzy gümrük taýdan resmileşdirmek we olar babatda gümrük barlagyny geçirmek ýeňilleşdirilen görnüşde hem-de döwrebap gümrük barlag enjamlaryny ulanmak arkaly çalt amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň utgaşdyrylan gümrük maglumat ulgamynda eksport harytlaryny elektron görnüşde resmileşdirmek, gümrük tölegleri awtomatiki usulda hasaplamak, resminamalary sanly ulgam arkaly doldurmak işleri ýokary derejede ýola goýlup, bu işler özüniň oňyn netijelerini berýär. Munuň özi, döwletimizden daşarky bazara iberilýän harytlaryň gümrük amallaryny gysga wagtda amala aşyrmaga uly mümkinçilik berýär.

Berkarar Watanymyzy hemmetaraplaýyn ösdürmekde bimöçber işleri durmuşa geçirýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

**Batyr ATAÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň Ahal welaýat gümrükhanasynyň harby gullukçysy, kapitan.**

# TÜRKMEN HÜNÄRMENI PARIŽ OLIMPIADASYNDA EMINLIK EDER



**Agyr atletika boýunça halkara derejeli emin, Türkmenistanyň Agyr atletika milli federasiýasynyň baş kätibi Çarygeldi Mämmedowyň ady köplere tanyşdyr. Ol ýurdumyzyň çempionatlarynda, şeýle-de, halkara ýaryşlarynyň birnäçesinde eminlik etdi. Ýadyňyzda bolsa, ol Tokio Olimpiadasynda eminlik edip, bilermenleriň ýokary bahasyna mynasyp boldy. Bu günki gün bolsa Çarygeldi Mämmedow Parižde guraljak oýunlara gatnaşmaga taýýarlanýar. Biz milli ýygyndymyzyň Olimpiýa oýunlaryna ugradylyş dabarasynyň öňüsyrasynda Çarygeldi Mämmedow bilen söhbetdeş bolduk.**

**— Gürrüňdeşlige agyr atletika gelşiňiz baradaky ýatlamalardan başlaýalyň.**

— Aşgabadyň golaýyndaky Herrikgala ýaşaýyş toplumynda ýaşamyzsoň, agam meni 1999-njy ýylda, 12 ýaşymdakam paýtagtymyzdaky agyr atletika mekdebine getirdi. Ilkinji tälimçim Şamsuddin Tursunmagomedowdan sportuň bu görnüşiniň inçe tilsimlerini öwrenendigimi aýdyp geçeýin.

**— Türgen hökmünde nähili netijeleri gazandyňyz?**

— 69 kilogram agram derejesinde ýaşlaryň arasynda, 77 kilogramda bolsa ulularyň arasynda ýurdumyzyň çempiony bolandygymy buýsanç bilen belläp bilerin. Şol döwürlerde daşary döwletlerde geçirilýän ýaryşlara hem yzygiderli gatnaşypdym. Umuman, şol döwürler bu ugurda birneme tejribe topladym.

**— Eminlige geçmäge itergi beren sebäpler hakynda hem durup geçäýseňiz.**

— Ilkibaşda bar ünsüm ýaryşlarda çykyş etmek bolansoň, bu barada kän bir pikirem etmändirin. Ýöne 2006-njy ýylda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutyna girmegim meniň geljekki ýolumy kesgitledi. Ol ýerde 2011-nji ýyla çenli bilim aldym. Şol döwürler eminlige geçmek barada çynlakaý pikirlenip ugradym.

**— Diýmek, eminlik ýoluňyz okuwy tamamlanyňyzdan soň başlapdyr-da?**

— Dogrymy aýtsam, agyr atletikada emin hökmündäki ilkinji çykyşlarym 2017-nji ýyla gabat geldi. 2017-2018-nji ýyllarda diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem-de, daşary döwletlerde geçirilýän ýaryşlarda hem eminlik edip ugradym.

**— Daşary ýurtlardaky geçirilen haýsy ýaryş emin hökmündäki ilkinji synanyşygyňyz boldy?**

— 2019-njy ýylda ABŞ-nyň Las-Wegas şäherinde ýetginjekleriň arasynda dünýä birinjiligi geçirilipdi. Ine, şonda maňa şol ýaryşa emin hökmünde gatnaşmak miýesser etdi. Şol ýyl ulularyň arasyndaky dünýä çempionatyna hem emin hökmünde ýurdumyzyň adyndan wekilçilik etmek nesibämde bar eken. 2019-njy hem-de 2020-nji ýyllarda Peruda, Özbegistanda geçirilen halkara ýaryşlarynda, 2021-nji ýylyň aprelinde Daşkentde bolan Aziýa çempionatydyr şol ýerde maý aýynda geçirilen ýaşlaryň arasyndaky dünýä birinjiliginde hem emin hökmünde işledim. Şondan soňra bolsa sport ýolumdaky iň uly synaglaryň biri hasaplanylýan Olimpiýa oýunlaryna eminlik etdim. Nesip bolsa, indi Fransiýanyň paýtagtynda ikinji gezek Olimpiýa oýunlaryna eminlik etmek paýyma düşdi. Dörtýyllygyň bu iri sport baýramynda hem netijeli eminlik etmek üçin elimde barymy gaýgyrmaryn.

**— Tüweleme, uly ýaryşyň bosagasynda dursuňyz. Sportuň beýleki görnüşlerinde eminleriň etmeli işleri janköýerlere azdakände düşnüklimikä diýýän...**

— Diýjek bolýan zadyňyza düşündim. Aslynda, agyr atletika boýunça geçirilýän ýaryşlarda eminler topary tehniki wekiller diýlip atlandyrylýar. Her ýaryşa eminleriň 40-a golaýy gatnaşýar. Ýaryşa wekilçilik edýän eminleriň 10-a golaýyna žýuri diýilýär. Bir bölegi bolsa emin hökmünde ýaryşa baha berýär.

**— Olaryň tapawudy nämeden ybarat?**

— Emin ýaryşda türgeniň görkezijilerine görä netije çykarýar. Žýuriler bolsa ýaryşyň soňunda eminleriň çykaran netijelerini seljerip tassyklaýarlar. Mundan başga tehniki gözegçilerem bolýar. Olar ştanganyň agramyny, türgeniň egin-eşiginiň ýagdaýyny gözegçilikde saklaýarlar. Umuman, ýaryşdaky bolup geçýän ähli hereketleri nazarlaryndan sypdyrmaýarlar. Ondan daşgary ýaryşyň lukmany, direktory, baş kätibi hem bolýar. Olar ýaryşdaky resminamalary, bolup geçýän ähli ýagdaýy gözegçilikde saklaýarlar.

**— Olimpiýa oýunlarynyň öňüsyrasynda eminleriň gatnaşmagyndaky ýygnanyşyklar geçirilýärmi?**

— Hawa, her ýaryşyň öňüsyrasynda hökmany ýagdaýda okuw-maslahatlar geçirilip durulýar. Onuň dowamynda agyr atletikada bolup geçýän üýtgeşmeler hakynda düşündirişler berilýär. Şu ýerde agyr atletikadaky bir aýratynlygy hem aýdyp geçeýin. Biziň sport görnüşimizde hemme zat açaçan bolýar. Has anyk aýtsam, eminler bilen türgenleriň arasynda hiç hili düşünişmezlik ýüze çykmaýar. Biz myhmanhanalarda bir ýerde bolýarys. Türgenler bilen habarlaşyp, pikir alşyp durýarys. Bu ýagdaý diňe bize däl, eýsem-de, ýaryşa taýýarlanýan türgenlere hem oňyn täsirini ýetirýär.

**— Olimpiýa oýunlaryndaky agyr atletika boýunça ýaryşlaryň geçýän wagtlaryny bilmegem gyzykly.**

— Oýunlaryň çägindäki bäsleşigimiz, nesip bolsa, 5-nji awgustda badalga alar. 11-nji awgustda bolsa soňky bäsleşikler geçiriler. Şol gün adatdakylar ýaly agyr agramyň wekilleri bäsleşerler.

**— Çarygeldi, Size hem-de türgenlerimize üstünlikleriň ýaran bolmagyny arzuw edýäris.**

—Aýdanyňyz gelsin!

**Söhbetdeş bolan Allanur ÇARYÝEW, žurnalist.**

# TÜRGENLERIMIZIŇ ÝÜREK BUÝSANÇLARY




◇ Döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary bilen, döwletimiziň sport diplomatiýasynyň barha rowaçlanýan häzirki döwründe milli türgenlerimiz iri halkara ýaryşlaryna gatnaşyp, ýeňişli orunlara mynasyp bolýarlar. Ynha, şu şanly günlerimizde hem milli ýygyndy toparymyzyň türgenleri Fransiýanyň Pariž şäherinde geçiriljek XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmak üçin ak pata bilen ýola düşýärler.

Şeýle ajaýyp hem tolgundyryjy pursatlarda türgenlerimize ak ýol hem-de ynamly ýeňişleri arzuwlap, olaryň ýürek buýsançlaryny okyjylara ýetirýäris.



**Dawranbek HASANBAÝEW,**
**agyr atletika:**

— Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduna öwrülen Türkmenistanda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagynda, döwlet Baştutanymyzyň tagallalary esasynda, sportda saýlan görnüşiň boýunça türgenleşip, öňde goýan maksadyňa ýetmäge giň mümkinçilikler bar. Ine, Polina Gurýewa agyr atletika boýunça ýurdumyza Olimpiýa oýunlarynyň ilkinji medalyny getiripdi. Biz hem öz gezegimizde bu üstünligiň dowamyny dowamata uzaltmak üçin ähli güýjümizi aýaman, çykyş ederis.

**Maýsa PARDAÝEWA,**
**dzýudo:**

— Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň biz — ýaşlara bildirýän ynamy meniň üçin ruhy goldaw bolup, öz saýlan sport görnüşim boýunça döwlet we halkara ýaryşlarynda çykyş edip, üstünliklere ýetmegime ýardam berdi. Bu gün bolsa maňa XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmak bagty nesip etdi. Bu iri halkara sport çäresinde dzýudo boýunça ýeňişli orunlara mynasyp bolmak üçin tutanýerlilik görkezjekdigime ynandyrýaryn.

**Serdar RAHIMOW,**
**dzýudo:**

— Çagalykdan dörän sporta bolan söýgim meni dzýudo boýunça üstünliklere ýetirdi. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda täze derejelere çykarylýan, türgenler üçin döredilýän mümkinçilikler bizi täze ýeňişlere ruhlandyrýar. Pariž şäherinde geçiriljek Olimpiýa oýunlarynda çykyş etmek bagtynyň miýesser etmegi özüme bolan ynamymy has-da artdyrdy. Ýurdumyzy ýokary sportda dünýä tanatmakda bu mümkinçiligi doly we dogry ulanyp, türkmen türgenleriniň gujur-gaýratyny görkezeris diýip ynandyrýaryn.

**Musa ŽALAÝEW,**
**suwda ýüzmek:**

— Ýurdumyzyň islendik künjeginde gurlup ulanylmaga berilýän stadionlardyr sport toplumlarynda türgenleşýän ýaşlarymyzyň her biri sport ulgamynda uly netijeleri görkezip, dünýä derejeli ýaryşlardan altyn, kümüş, bürünç medally dolanyp gelmegi belent maksat edinýärler. Men Fransiýanyň Pariž şäherinde geçirilýän XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda ýokary görkezijileri gazanmak üçin ýaşyl Tugumyzy belentde parlatmak üçin ähli yhlasymy we başarnygymy görkezerin.

**Aýnur PRIMOWA,**
**suwda ýüzmek:**

— Türgenlerimiz üçin gurlup ulanylmaga berlen, döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrylan türgenleşik zallarymyzda, şeýle-de dostlukly ýurtlarda guralýan okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryna gatnaşyp toplaýan tejribämiz bize abraýly döwlet we halkara ýaryşlarynda ýeňiş gazanmaga mynasyp goldaw berýär. XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga hukuk gazanmagym meni diýseň begendirdi. Janköýerler tarapyndan özümize bildirilen uly ynamy ödäp, öňde duran iri sport bäsleşiginde döwletimiziň mukaddes ýaşyl Baýdagyny belentde parlatjakdygymyza ynandyrýaryn.

**Walentina MEREDOWA,**
**ýeňil atletika:**

— Milli ýygyndy toparymyzyň düzüminde maňa hem XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmak bagty miýesser etdi. Bu bildirilen belent ynam üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza çuňňur alkyş sözlerimi aýdyp, bu abraýly halkara sport bäsleşiginde ýurdumyzyň mukaddes ýaşyl Tuguny belentde parlatjakdygyma ynandyrýaryn. Biz — Garaşsyz döwletimiziň ýaş sport türgenleri, özümiz üçin döredilip berilýän giň mümkinçiliklerden peýdalanyp, yhlasly türgenleşýäris. Şol sebäpli öňde eýeläp bolmajak sepgitleriň bolmajakdygyna tüýs ýüregimiz bilen ynanýarys.

**«7/24.tm»**

# OKYJYLARYMYZ ÝAZÝARLAR




◆ TMÝG-niň Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň guramagynda Gyzylarbat etrabynyň çäginde ýerleşýän «Dürdäne» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde, bu ýere tomusky dynç alyş möwsüminde dynç almaga gelen çagalaryň arasynda daşky gurşawyň gymmatyny, tebigatymyzyň gözelligini olara ýakyndan tanatmak, beden we ruhy taýdan sagdyn nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek maksady bilen, «Tebigat — biziň öýümiz» atly gezelenç duşuşygy geçirildi. TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň hünärmenleriniň gatnaşmagynda tebigatymyzyň gözelligini aýawly saklamak barada çagalar bilen gürrüňdeşlik geçirildi.

* * *

◆ TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň guramagynda «Dürdäne» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde dynç alýan çagalaryň arasynda Magtymguly Pyragynyň goşgularyny labyzly okamak bäsleşigi geçirildi. Bäsleşige «Dürdäne» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde dynç alýan körpeler hem-de mugallymlar gatnaşdylar. Bäsleşigiň ahyrynda ýeňijilere Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň adyndan ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

**Altynaý MÄMMETNAZAROWA,**
**TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.**

◆ Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Görogly etrap Geňeşi bilen Görogly etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň bilelikde guramagynda etrabyň 3-nji sport mekdebinde «Sport — ýaşlaryň ýakyn hemrasy» atly şygar astynda sport çäresi geçirildi. Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş möwsümini manyly geçirmeklerini gazanmak maksady bilen guralan sport çäresine etrabymyzyň sport bilen meşgullanýan ýaşlary uly höwes bilen gatnaşdylar. Dürli ýaşdaky höwesjeňleri, tälimçileri we türgenleri bir ýere jemlän bu köpçülikleýin sport çäresinde sportuň dürli görnüşleri boýunça görkezme çykyşlaryna giň orun berildi. Şol çärelerde sportuň adama sagdynlyk hem ruhubelentlik bagyşlaýandygy, öz güýjüňe hem başarnygyňa ynamy artdyrýandygy, umuman, sporty hemra edinmekligiň durmuşyňy gözelleşdirýändigi nygtalyp geçildi.

**Altyn ATAKOWA,**
**TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Görogly etrap Geňeşiniň bölüm müdiri.**

◆ Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda sporty we bedenterbiýäni ösdürmek baradaky alyp barýan syýasatyny durmuşa ornaşdyrmak, ýaşlary köpçülikleýin sporta çekmek, sagdyn jemgyýeti kemala getirmek, ýaşlaryň arasynda zehinli türgenleri saýlap-seçip, mekdep okuwçylaryň arasynda doganlyk-dostluk gatnaşyklaryny berkitmek we sporta çekmek, halkara ýaryşlaryna gatnaşmagyny gazanmak maksady bilen ýaryşlar geçirilip durulýar.

Dänew etrabynyň 2-nji sport mekdebinde TMÝG-niň Dänew etrap Geňeşi, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň etrap komiteti, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň etrap birleşmesiniň, Dänew etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň bilelikde guramagynda erkin göreş boýunça 2012-2013-nji ýyllarda doglan oglanlaryň arasynda etrabyň açyk birinjiligi geçirildi. Bäsleşik ýaşlarda uly gyzyklanma döredip, onuň jemi boýunça tapawutlanan türgenlere Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Lebap welaýatynyň Dänew etrap Geňeşi tarapyndan ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.



**Batyr KURBANOW,**
**TMÝG-niň Dänew etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölümi.**

◆ «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde dynç alýan çagalaryň wagtlaryny gyzykly, şowhunly geçirmek maksady bilen, Türkmenbaşy şäherindäki «Salkyn kenar» seýilgähinde gezelenç çäresi guraldy. Gezelenjiň dowamynda dynç alýan körpeje nesiller seýilgähiň attraksionlarynda, hiňňilliklerde aýlanyp, çagalar üçin niýetlenen howuzlarda suwa düşüp, wagtlaryny gyzykly geçirdiler. Soňra çagalar çägäniň üýzünde dürli şekilleri ýasadylar. Aýratyn tapawutlanan çagalara TMÝG-niň Türkmenbaşy şäher Geňeşi tarapyndan ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

**Gurbanmyrat ABDYLWELIÝEW,**
**TMÝG-niň Türkmenbaşy şäher Geňeşiniň bölüm müdiri.**



◆ Dowam edýän tomusky dynç alyş günlerinde welaýatymyzda ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini ornaşdyrmak, köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty ösdürmek ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Şol döredilýän mümkinçiliklerden peýdalanyp, Daşoguz welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň, «Türkmenistan» ýaşlar bedenterbiýe-sport guramasynyň Daşoguz şäher bölüminiň, TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň bilelikde guramagynda «Sagdynlyk baş ýörelgämiz — sport milli göreldämiz» atly şygar astynda sportuň dürli görnüşleri boýunça sport bäsleşigi geçirildi. Sport bäsleşiklerine dynç alýan çagalar uly höwes bilen gatnaşyp, küşt ýaryşynda Irada Zakirowa ýeňiji boldy. 2-nji orna Anna Iwanowa, 3-nji orna Aýzada Illiýewa mynasyp bolmagy başardy. Tanap çekmek boýunça «Ruhubelent», «Zehin» toparlary hem öz aralarynda bäsleşdiler. Netijede, «Ruhubelent» topary ýeňiji boldy. Bäsleşigiň ýeňijilerine hem-de oňa gatnaşyjylara TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň ýadygärlik sowgatlary hem-de Hormat hatlary gowşuryldy.

**Hurşida ATAÝEWA,**
**TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

◆ TMÝG-niň Köneürgenç etrap Geňeşi tarapyndan «Köneürgenç» taryhy-medeni döwlet goraghanasynda «Geçmişden geljege nurdur Pyragy» atly gezelenç çäresi geçirildi. Şanly taryhymyzy, baý geçmişimizi ýaşlaryň arasynda wagyz-nesihat etmek maksady bilen geçirilen gezelenç çäresine ýaşlar uly ruhubelentlik bilen gatnaşdylar. Çäräniň dowamynda çykyş edenleriň belleýşi ýaly, geçmiş mirasymyzy öwrenmekde Magtymguly Pyragynyň ajaýyp şygyrlary gymmatly hazyna bolup durýar. Çünki Magtymgulynyň goşgulary türkmen diliniň, edebiýatyň baýlyklaryny özünde jemleýär. Halkymyz şygryýet äleminiň ägirdi Magtymguly Pyragynyň döredijiligine uly sarpa goýýar.

**Gözel KUŞMEKOWA,**
**TMÝG-niň Köneürgenç etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.**

◆ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň rowaçlanmagy, köpçülikleýin bedenterbiýäniň we sportuň ösmegi ugrunda ähli mümkinçilikler döredilýär. TMÝG-niň Dänew etrap Geňeşi hem geljekki ýaş nesliň şu döredilýän mümkinçiliklerden giňden peýdalanmaklary üçin ýaşlarymyzyň arasynda her dürli sport bäsleşiklerini ýygy-ýygydan geçirip durýar. Ýaňy ýakynda hem etrabymyzyň 3-nji sport mekdebinde TMÝG-niň Dänew etrap Geňeşiniň we etrabyň bedenterbiýe we sport bölüminiň gurnamagynda «Sport — ýaşlaryň gujurly güýji» ady bilen sportuň boks görnüşi boýunça ýaryş guraldy. Bu sport ýaryşynda ýeňiji bolanlara Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar Guramasynyň Dänew etrap Geňeşi tarapyndan Hormat hatlary gowşuryldy.

**Maýa BEŞIMOWA,**
**TMÝG-niň Dänew etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni.**

◆ Häzirki wagtda ýurdumyzda çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümi dowam edýär. Tomsuň ilkinji günlerinde okuw möwsümini tamamlan çagalary ýurdumyzyň ajaýyp Gökdere jülgesindäki köpsanly sagaldyş we dynç alyş merkezleri gujak açyp garşylady.

Ösüp gelýän nesillerimiziň beden taýdan berk, ruhy taýdan sagdyn bolmaklary üçin ýurdumyzda döwlet derejesinde giň mümkinçilikler döredilýär. Ynha, şeýle mümkinçilikleriň ýene biri hem tomus möwsüminde çagalaryň deň-duşlary bilen sazlaşykly hereketde bolmaklary üçin Gökderede we welaýatlarymyzyň dürli künjeklerinde jana melhem tebigatyň goýnunda, jöwzaly tomsuň ajaýyp günlerinde çagalaryň wagtlaryny peýdaly geçirip, bedenlerini berkitmekleri üçin çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde dynç alşyň gyzgalaňly döwri dowam edýär. Çagalaryň arasynda geçirilýän döredijilik, sport, medeni-köpçülikleýin çäreleri yzygiderli alnyp barylýar. Şeýle çäreler «Beýik Serdar nesilleri» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde dynç alýan çagalaryň arasynda «Biz bagtyýar çagalar» ady bilen, «Beýik Serdaryň ruhubelent nesilleri» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde dynç alýan çagalaryň arasynda «Sagdyn bolaýyn diýseň sport bilen meşgullan» ady bilen, «Altyn sümmül» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde dynç alýan çagalaryň arasynda «Kim çalasyn?!» ady bilen sport bäsleşikleri geçirildi. Şeýle-de, «Çeşme» çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezinde dynç alýan çagalaryň arasynda «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» ady bilen «Aşgabat» medeni dynç alyş seýilgähine gezelenç çäresi guraldy. Bu çäreleriň, bäsleşikleriň netijesinde çagalaryň häsiýetlerinde köpçülige uýgunlaşmak, bir maksada agzybirlik bilen gulluk etmek ýaly oňat häsiýetler kemala gelýär.

**Merjen NURMUHAMMEDOWA,**
**TMÝG-niň Merkezi Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

# BEDENTERBIÝE

◆ Agyr atletika boýunça milli ýygyndymyzyň türgenleri Türkiýe Respublikasynyň Antalýa şäherinde okuw-türgenleşik geçirilýän ýygnanyşygyna gatnaşdy. Toparda 6 türgen, 2 tälimçi, 1 owkalaýjy, 1 lukman bar.

◆ Suwda ýüzmek boýunça milli ýygyndymyz Gruziýa Respublikasynyň Batumi şäherinde geçirilen okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna gatnaşdy. Toparda 10 türgen, 1 owkalaýjy, 1 tälimçi ýurdumyza wekilçilik etdi.

**Ogultuwak ORAZMYRADOWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

◆ Söweş sambosy boýunça milli ýygyndy toparymyz Taýland Patyşalygynyň Samui adasynda geçirilen okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna gatnaşýar. Bu ýygnanyşyk 26-njy iýulda tamamlanar. Toparda 14 türgen, 2 tälimçi, 1 topar ýolbaşçy Türkmenistana wekilçilik etdi.

◆ «Şagadam» futbol klubunyň türgenleri 19-njy iýul — 8-nji awgust aralygynda Türkiýe Respublikasynyň Kartepe şäherinde geçirilýän ýoldaşlyk duşuşyklaryna gatnaşarlar. Toparda 24 türgen, 10 resmi wekil bar.

**Amangözel AMANOWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

◆ Kýorling sporty boýunça milli ýygyndy toparymyzyň türgenleri 17 — 22-nji awgust aralygynda Norwegiýa Patyşalygynyň Lillehammer şäherinde geçiriljek okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna gatnaşarlar. Toparda 4 türgen we 1 tälimçi ýurdumyza wekilçilik edip, dostlukly ýurtda iş saparynda bolar.

◆ «Merw» futbol klubunyň türgenleri 15 — 31-nji iýul aralygynda dostlukly Türkiýe Respublikasynyň Bolu şäherinde geçiriljek okuw-türgenleşik ýygnanyşygynda we ýoldaşlyk duşuşyklarynda bolarlar. Toparda 24 türgen, 11 resmi wekil bar.

◆ «Aşgabat» futbol klubunyň agzalary 25-nji iýul — 12-nji awgust aralygynda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçiriljek okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna we ýoldaşlyk duşuşyklaryna gatnaşarlar. Toparda 25 türgen, 9 resmi wekil bar.

**Täzegül AZIZOWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



◆ Welosport boýunça milli ýygyndymyzyň wekilleri Koreýa Respublikasynda ýerleşýän Bütindünýä welosport merkezinde welosport boýunça geçirilen okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna gatnaşdy. Toparda 1 türgen, 1 topar ýolbaşçysy bar.

◆ Stol tennisi boýunça milli ýygyndymyz Hytaý Halk Respublikasynyň Žengding şäherinde geçirilýän okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna gatnaşýar. Bu ýygnanyşyk 23-nji iýulda tamamlanar. Toparda 10 türgen, 1 tälimçi hem-de topar ýolbaşçysy bar.

**Arzuw ŞAÝYMOWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

◆ Küşt boýunça milli ýygyndymyz Türkiýe Respublikasynyň Antalýa şäherinde geçirilen okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna gatnaşdy. Toparda 10 türgen, 2 tälimçi, 1 topar ýolbaşçysy Türkmenistana wekilçilik etdi.

◆ Tennis boýunça milli ýygyndy toparymyzyň türgenleri Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde geçiriljek okuw-türgenleşik ýygnanyşygyna gatnaşýar. Bu ýygnanyşyk 29-njy iýulda tamamlanar. Toparda 15 türgen, 2 tälimçi bar.

**Merjen NEPESOWA,**
**Magtymguly adyndaky TDU-nyň žurnalistika hünäriniň talyby.**

◆ Mary şäheriniň 6-njy sport mekdebiniň hünärmenleri sportuň grek-rim göreşi okuw-türgenleşik sapaklaryny yzygiderli dowam edýär. Türgenleri sporta çekmek maksady bilen wagyz-nesihat işleri geçirilýär. Türgenlerimiz welaýat, şäher, sport mekdebiniň birinjiligini almak ugrundaky ýaryşlarda gowy netijeler görkezip, mekdebimiziň abraýyny has-da ýokary göterýärler.

**Kakajan HÜMMIÝEW.**
**Mary şäheriniň 6-njy sport mekdebiniň sportuň grek-rim göreşi boýunça tälimçi-mugallymy.**

# СПОРТ

## СОСТОЯЛАСЬ ЖЕРЕБЬЕВКА КУБКА ТУРКМЕНИСТАНА ПО ФУТБОЛУ

◆ В конференц-зале Федерации футбола Туркменистана состоялась жеребьевка Кубка Туркменистана 2024 года. В борьбе за трофей в этом сезоне примут участие девять команд Высшей лиги: «Аркадаг», «Алтын асыр», «Ахал», «Ашхабад», «Шагадам», «Небитчи», «Мерв», «Энергетик» и «Копетдаг».

Как сообщает сайт ФФТ, по регламенту турнира, в предварительном раунде сыграют «Мерв» и «Шагадам» – команды, занявшие последние места в прошлогоднем чемпионате. Победитель этого раунда встретится с «Алтын асыром» в четвертьфинале. Матчи предварительного этапа запланированы на 11 и 14 августа.

Четвертьфинальные пары определены следующим образом: «Аркадаг» против «Энергетика», «Небитчи» против «Ашхабада» и «Ахал» против «Копетдага».

Первые матчи четвертьфинала состоятся 24 и 25 августа, а ответные игры – 2 и 3 сентября.

Полуфинальные встречи намечены на 12 и 13 сентября. Даты ответных полуфинальных матчей и финала будут объявлены позднее.

Действующим обладателем Кубка Туркменистана является «Аркадаг». Подопечные Владимира Байрамова в финальном матче одержали победу над командой «Ахал» со счетом 3:0.

## «АРКАДАГ» СЫГРАЕТ С «АХАЛОМ» В МАТЧЕ ЗА СУПЕРКУБОК ТУРКМЕНИСТАНА ПО ФУТБОЛУ

◆ Футболисты команды «Аркадаг» сыграют с «Ахалом» в матче за Суперкубок Туркменистана по футболу 2024 года, сообщает ФФТ.

Напомним, в минувшем сезоне «Аркадаг» под руководством главного тренера Владимира Байрамова, стал обладателем двух трофеев – Высшей лиги и Кубка Туркменистана, и теперь сыграет за Суперкубок с «Ахалом», который стал финалистом Кубка страны.

Матч за Суперкубок запланирован на 28 сентября. Организаторы сообщат о месте и времени проведения игры дополнительно.

Стоит отметить, что «Ахал» уже выигрывал Суперкубок в 2014 году, в то время как «Аркадаг» будет бороться за этот трофей впервые.

Действующим обладателем Суперкубка является «Алтын асыр», который со счетом 3:1 обыграл «Шагадам» в 2022 году. В 2023 году турнир не проводился.

# MILLI ŽURNALISTIKANYŇ HÄZIRKI ZAMAN ÖSÜŞLERI

**(Dowamy. Başlangyjy elektron goşundymyzyň 28-nji we 29-njy sanlarynda)**

**SÖHBETDEŞLIK ŽANRYNYŇ AÝRATYNLYKLARY**

◆ Öňde seredilip geçilen materiallardan hem görnüşi ýaly, söhbetdeşlik görnüşiniň nusgalary kändir. Olaryň her haýsy ýa-ha söhbetdeligi taýýarlaýan žurnalistiň, ýa-da oňa söhbetdeşlik taýýarlamak barada teklip eden redaksiýanyň başlangyjy bilen, wakalaryň ähmiýetine, guralýan ýerine, bagyşlanan temasyna we beýlekilere laýyklykda, öz ýerinde ulanylyp bilner.

Keşpleýin söhbetdeşlik. Halk köpçüligi tarapyndan tanalýan, belli bir şahsyýet bilen baglanyşykly ýazylýar. Žurnalist keşpleýin söhbetdeşligi saýlap alan şahsyýeti bilen söhbetdeşlik esasynda döredýär. Bu işde oňa şol şahsyýet barada öňden gyzyklanyp toplan maglumatlary hem kömege gelýär. Söhbetdeşligiň bu nusgasynyň gahrymanynyň jemgyýetçilik durmuşynda möhüm orun eýeleýän şahsyýet bolmagy hökmandyr. Söhbetdeşligiň bu nusgasynda gahrymanyň egin-eşigi, aýratyn köp gaýtalaýan sözleri ýaly aýratynlyklara üns berip geçmek mümkindir.

Söhbetdeşlik-pikir nusgasy maglumatlara, wakalara, wajyp meselelere giňişleýin we çuňňur düşündiriş berýär. Şunda söhbetdeş bolunýan adam maglumatlara, wakalara, wajyp meselelere öz garaýşyny aýdýar, maslahatlaryny berýär.

Söhbetdeşligiň bu nusgasy aýratyn ähmiýete eýedir. Çünki abraýly, ylymly-bilimli adamlaryň wajyp meseläniň çözgüdi, durmuşy wakalar barada pikirleri, garaýyşlary jemgyýetçilik üçin hemişe gyzykly bolmagynda galýar.

Forumlar we anketalar nusgasy özboluşly gaýybana çekişmeleri guramak üçin oňaýly nusgadyr. Forumlar bir mesele barada giňişleýin pikir alyşmaga mümkinçilik döredýär.

Bu nusgada, adatça, žurnalist söhbetdeşlige girişmezden öň giriş berýär. Onda şu günki gün jemgyýetçilik durmuşynda wajyp bolup durýan umumy mesele barada aýdylyp, bu söhbetdeşlikde onuň haýsy çygry boýunça haýsy ugruň wekilleri bilen gürrüňdeş bolnandygy habar berilýär. Soňra berlen sowala şol wekilleriň beren jogaplary yzygiderli tertipde beýan edilýär.

Söhbetdeşlik-gözleg haýsy-da bolsa bir wakany ýa-da meseläni anyklamak maksady bilen guralýar. Ol kada boýunça wagt bilen çäklendirilmeýän söhbetdeşlik görnüşidir. Ýöne onda senenama üns berilmegi hökmanydyr. Gözlenilýän predmet çylşyrymly bolup biler. Şonuň üçin ilki bilen öňde goýlan maksada üns bermelidir. Toplanylan maglumatlary, golýazmalary, resminamalary, dil üsti bilen aýdylan maglumatlary seljerip, meýilnamasyny düzmelidir.

Söhbetdeşlik-metbugat konferensiýasy. Adatça, döwlet ýolbaşçysy, edarakärhana ýolbaşçylary, medeniýet, sungat işgärleri beýleki döwletlerde saparlarda bolup gelenlerinden soň, žurnalistleriň haýyşlary boýunça guralýar. Habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň köpsanly haýyşlary boýunça geçirilýän şeýle metbugat konferensiýasyna ýurtda hereket edýän beýleki döwletleriň habar beriş gulluklarynyň we iri neşirleriniň habarçylary hem gatnaşýar.

**Söhbetdeşlik görnüşiniň taýýarlanylyşy we žurnalistiň wezipesi**

Žurnalist öz taýýarlaýan söhbetdeşliginiň onuň öňde görkezilen nusgalaryň talaplaryna laýyk okyjylar üçin täsirli, özüne çekiji bolmagy üçin:

1. Jemgyýet üçin ähmiýetli bolan temany kesgitläp bilmeli.
2. Söhbetdeşlik guramak üçin şahsyýeti dogry saýlap almaly.
3. Söhbetdeşligiň wagtyny we şertini anyklamaly.
4. Saýlap alan temasy hem-de söhbetdeşlik gurajak şahsyýeti barada doly maglumat toplamaly.
5. Söhbetdeş bolunjak şahsyýete beriljek sowallary taýýarlamaly.
6. Söhbetdeşlik guralýan wagty zerur serişdeler we elektron, sanly ulgam enjamlary bilen doly üpjün bolmaly.

Käte gazet-žurnal sahypalarynda çap edilýän söhbetdeşlikleriň başynda söhbetdeşligiň kimiň islegine görä (awtoryň özüniň gyzyklanmasy ýa-da okyjylaryň islegi) taýýarlanylandygy görkezilýär. Şu nukdaýnazardan çemeleşip, olary aşakdaky toparlara bölmek bolýar:

1. Redaksiýanyň tabşyrygy boýunça taýýarlanan söhbetdeşlik.
2. Awtoryň öz gyzyklanmasy bilen taýýarlanylýan söhbetdeşlik.
3. Okyjylaryň islegi nazarda tutulyp taýýarlanylýan söhbetdeşlik.
4. Belli bir adamlaryň haýyşlary boýunça taýýarlanylýan söhbetdeşlik.

**(Dowamy bar).**

**Mähri GAÝYPOWA,**
**Magtymguly adyndaky TDU-nyň žurnalistika kafedrasynyň uly mugallymy.**

# SAGDYNLYK — BAGTYÝARLYK

◆ Ýurdumyzda ynsan saglygyny goramak, dikeltmek hem bejermek ugrunda taýsyz tagallalar edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli durmuşa geçirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda beýik işler giň gerimde alnyp barylýar. Türkmen halky hemişe ynsan saglygyna, sagdyn durmuşa uly üns berip gelipdir. «Saglygym — baýlygym», «Saglygyň gadryny bilgil hassa bolmazdan burun» diýen pähimler hem muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Esasy Kanunymyzda «Adam döwletiň we jemgyýetiň iň gymmatly hazynasydyr» diýlip ykrar edilen Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda adamlaryň saglygy, bagtyýar durmuşy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.

Ýurdumyzda «Il saglygy — ýurt baýlygy» diýen pähimden ugur alnyp, jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolan adamyň saglygyny goramakda, keselleriň öňüni almakda we olary ýok etmekde, saglygy goraýyş we derman senagaty pudagyny dünýä derejesinde ösdürmekde talabalaýyk işler amala aşyrylýar. Eneleriň we çagalaryň saglygyny goramakda zerur çäreler görülýär. Bu ugurda ylmy-barlag işleriniň geçirilmegi netijesinde, çagalarda köp duş gelýän keselleri irki döwürde anyklamagyň, bejermegiň täze usullary esaslandyryldy.

Ajaýyp zamanamyz — Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri ynsan saglygynyň goralýan, sportda hem uly üstünliklere, galkynyşlara eýe bolunýan eýýam hökmünde taryha altyn harplar bilen ýazylýar.

**Ejegül ATAÝEWA,**
**Baýramaly etrap merkezi kitaphanasynyň I derejeli kitaphanaçysy,**
**TMÝG-niň Baýramaly etrap Geňeşiniň işjeň agzasy.**

# HAFYZ ŞIRAZY

◆ Hafyz Şirazy pars şygryýetiniň görnükli wekili, ajaýyp şahyr, beýik filosofdyr. Ol Rudaky, Saady ýaly parsy dilli edebiýatyň däp bolup gelýän gazalçylyk ýolunyň ägirtleriniň biri hökmünde dünýä okyjylarynyň arasynda giňden meşhurdyr.

Hafyz maglumatlara görä, 1315-1317-nji ýyllarda, beýleki bir maglumatlara görä, 1325-nji ýyllarda häzirki Eýran Yslam Respublikasynyň çägindäki Şiraz welaýatynda dünýä inipdir. Onuň Şirazy edebi tahallusyny almagy şunuň bilen baglydyr. Şahyryň doly ady Şemseddin Muhammet bolupdyr. «Ýat bekleýji» diýmegi aňladýan Hafyz ady oňa irki ýetginjeklik döwründe Gurhany ýat bekländigi bilen bagly dakylypdyr. Soňabaka bu at parsy dilli dünýäde aýdym, gazal diýen sözler bilen manydaş ulanylyp başlanypdyr.

Hafyz ýaşlykdan Jelaleddin Rumy, Saady Şirazy, Attar, Nyzamy ýaly ägirtleriň şygyr döredijiliginden habarly bolupdyr. Zähmetkeş maşgalada önüp-ösenligi üçin ol ilki çörek bişiriji bolup işläpdir. Iş bilen utgaşykly öz golaýyndaky mekdepde okap, bilimini, sowadyny çykypdyr. Soňra medrese okuwyny hem tamamlapdyr. Hafyz 21 ýaşyna baranynda Şirazda ýaşan Muhammet Attara mürit (şägirt) bolupdyr.

Hafyzyň şygyr döredijiligi özi dünýäden ötenden soň toplanyp, diwan görnüşine getirilýär. Bu diwan 418 sany gazaly, 5 sany iri kasydany, 28 sany kytgany, 41 bent rubagyny we «Ýabany maral», «Sakynama», «Moganninama» atly mesnewi görnüşinde ýazylan üç sany gahrymançylyk-romantiki poemany özünde jemleýär.

Şulardan hem görnüşi ýaly, şahyryň döredijiliginiň agramly bölegini gazallar eýeleýär.

**Şirazly türki jenan bize bir nazar salsa,**
**Bagyş ederdim halyna Buhary, Samarkandy alsa.**

**...Ajy sözler melhem boldy, ötgül günähim, Ýaradan,**
**Süýjüsiz söz bala döner, asal-zyban dile alsa.**

Mälim bolşy ýaly, gazal bilen köp bentli şygyrlary düzmek mümkin däl. Munuň düýp sebäbi onuň kapyýalaşyş häsiýetindedir. Hafyzyň gazallarynyň hem aglabasy ýedi bentden on bir bende çenli düzülendir. Bu gazallara monorifma (şol bir sözüň her bendiň ikinji setiriniň ahyrynda gaýtalanyp gelmegi), şeýlede refren (şol bir söz düzüminiň ýa-da sözlemiň tutuşlygyna her bir bendiň soňky setiri bolup gelmegi) häsiýetlidir. Şahyr söýgi, dostluk, tebigat, gözellik temalaryndan döreden ajaýyp şygyrlary üçin Şekerleb (baldodak) diýen edebi lakamy hem alypdyr.

Adatça, bir silsilä — zynjyra düzülen gazallardan diwan döreden Gündogar we Eýran nusgawy edebiýatynyň wekilleri ýaly, Hafyz hem gazallardan başga rubagy, mesnewi ýaly şygyr görnüşlerinde eserleri döredipdir.

**Ýatsam-tursam, görýän yşgyň gazabyn,**
**Hesretli yşk hakda şygyr-gazalym.**
**Ynanmasaň, düýşlerime gir-de sen,**
**Çekýän jepalarma aýla nazaryň.**

Hafyzyň ady, döredijilik mekdebi XVIII asyr türkmen nusgawy edebiýatynyň wekilleri bolan Nurmuhammet Andalybyň, Abdylla Şabendäniň, Döwletmämmet Azadynyň, Mahmyt Gaýybynyň, Gurbanaly Magrupynyň, Magtymguly Pyragynyň, Şeýdaýynyň döredijiliklerinde hem möhüm orun eýeläpdir. Bu ussatlar tarapyndan Hafyzyň gazallaryna tahmyslar hem ýazylypdyr.

Pars gazalçylyk mekdebiniň ussady Hafyz Şirazy 1389 — 1390-njy ýyllarda Şirazda dünýäden ötüpdir. Şahyryň gazallar diwany XVI asyrdan tä XX asyryň başlaryna çenli Buhara emirligindäki medreseleriň okuw maksatnamasyna hökmany okuw dersi hökmünde girizilipdir.

**Madina MAHMUDOWA,**
**Köýtendag etrabynyň Dostluk şäherçesi.**



# RABINDRANAT TAGOR




Rabindranat Tagor hindi halkynyň beýik şahyry, ýazyjysy, filosofy, dramaturgydyr. Ol görnükli sungat işgäri, suratkeş, esseçi, aýdymçy şahyr, ençeme aýdymlaryň awtory, kinorežissýor ýaly derejelere hem eýedir. Bhanu Şingho diýen edebi tahallus bilen döreden eserleri hem bardyr. Eserlerini, esasan, bengal hem-de iňlis dillerinde döredipdir.

Rabindranat Tagor 1861-nji ýylyň 7-nji maýynda Hindistanyň Kalkutta welaýatynda dünýä inipdir. Ol köp çagaly gurply maşgalada önüp-ösüpdir. Kakasy Debendranat Tagor we ejesi Şaradi Dewi körpe perzentleriniň bilimli, hünärli bolup ýetişmegi üçin alada edipdirler. Geljekki beýik ýazyjy Londonyň Uniwersitet kollejini we beýleki birnäçe okuw mekdeplerini tamamlapdyr. Şahyr hökmünde ilkinji şygryny 8 ýaşyndan, kyssaçy we dramaturg hökmünde ilkinji nowellalaryny, sahna eserlerini 16 ýaşyndan Bhanu Şingho edebi tahallusy bilen döredip başlapdyr.

Ynsanperwerlik, watansöýüjilik duýgularyna ýugrulan terbiýäni alanlygy sebäpli, Rabindranat Tagoryň eserlerinde hemişe ýokary adamkärçilik, söýgi we dostluk, watançylyk duýgulary orta çykýar:

**Kagyz gaýyjagym,**
**hanha,**
**oýun küýsegi bilen,**
**Alyp barýar oýunjaklam — çagalyk arzuwlarym.**
**Barsa eger huzurňyza,**
**ýüzüp akar suwlaryn,**
**Alyp galyň özüňize köňül küýsegi bilen...**

Ýazyjynyň «Kabuliwala» («Kabully adam»), «Nätanyş gyz», «Tebsirän daşlar», «Ganganyň kenarlary näme hakynda aýdym aýdýardy?» ýaly nowellalary bolsun, «Kuýaş we kölegeler» ýaly powestleri, «Heläkçilik», «Gora» ýaly romanlary bolsun, her birinde okyjylary oýlandyrýan durmuşy meseleler, ynsanyň iň ýokary gymmatlykdygy, arassa-päk söýgi, wepalylyk, maşgala mukaddesligi ýaly taglymatlar orta çykýar. Hut şol sebäpli hem bu eserler dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna girendir. Olaryň esasynda hindi we beýleki ýurtlaryň meşhur kinorežissýorlary tarapyndan täsirli kinofilmler surata düşürildi.

**Diýdi Aý: «Arzym saňa —**
**Daň ýyldyzyna garap —**
**Tümlük gol berende daňa.**
**Jahan bolmanka apy-tap,**
**Neçün näzli bakyşyňda**
**Ýagtyldyp asman alasyn,**
**Gün dogupmy ýa tüm gije**
**Kakypmy zerden halysyn?!**
**Dogup tün-gündiz arada**
**Nura besläp dowamy sen,**
**Şöhläň birle oda goýýaň**
**Neçün men binowany sen?».**

Bu setirler şahyryň kalbyndaky ynsanperwer duýgulardan, söz ussady hökmünde galam ýörediş ussatlygyndan habar berýär.

Rabindranat Tagor çeper-filosofiki döredijiligi bilen bir hatarda beýik ynsanperwer başlangyçlary bilen hem meşhurdyr. Onuň tagallalary bilen Hindistanda Bütindünýä hindi uniwersiteti, şeýle hem Oba hojalygyny özgerdip gurmak instituty esaslandyrylýar.

Beýik şahyr, ýazyjy, gumanist Rabindranat Tagor 1941-nji ýylyň 7-nji awgustynda Kalkuttada dünýäden ötýär. Beýik şahyryň şygyrlary Hindistanyň («Halkyň ýüregi» atly şygry) we Bangladeşiň («Meniň altyn Bengaliýam» atly şygry) senalary bolup durýar. Söz ussadynyň edebi döredijiligi dünýä derejesinde ýokary baha mynasyp bolýar. Ol 1913-nji ýylda edebiýat boýunça Nobel baýragyna, Kalkutta uniwersitetiniň hormatly doktory diýen alymlyk derejesine eýe bolýar.

**Gülnur BAÝLYÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# SAGLYGYM BAR — BAÝLYGYM BAR

◆ Saglyk ynsanyň zemin ýaşaýşynyň ähli üstünlikleriniň gözbaşydyr. Ýöne ýerden ata-babalarymyz: «Saglygym — baş baýlygym» ýa-da «Baýlygyň sakasy — saglyk» diýmändir. Elbetde, kesellemeýän adam bolmaz, esasy mesele her bir derdiň dermanynyň bolmagyndadyr. Gündogar dünýäsinde nygtalyşy ýaly, saglygyň gadyryny hassa bolmazdan öňinçä bilmegiň zerur. Munuň üçin adam öz saglygy barada gündelik alada edip gezmeli, ynsanyň saglygynyň onuň uzak ömür sürmekliginiň kepili bolup durýandygyna düşünmeli. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy şu babatda şeýle aýdýar: «Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taýy, agşam ýatyp, ertir şükrün kyl ýagşy».

Saglyk jemgyýetçilik gymmatlygy bolmak bilen, döwletiň ösüşleriniň esasy kesgitleýjisi hökmünde häsiýetlendirilýär. Adamlaryň durmuşy gönüden-göni olaryň saglygy bilen baglanyşyklydyr. Saglyk barada alada etmeýän ýekeje döwlet hem bolan däldir. Saglyk baradaky alada ömrüň baradaky aladadyr. Türkmençilikde salamlaşylanda hem, ilkinji nobatda, saglyk-amanlyk soraşylýar. Irden görşülende hem «Sag-aman ördüňizmi?» diýlip sowal berilýär.

Saglygy barada gündelik alada edýän adam sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermeli. Bedenterbiýe ýa-da sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaly. Bedeniňi, egin-eşigiňi, ýaşaýan jaýyňy we işleýän ýeriňdäki otagyňy elmydama arassa-tämiz ýagdaýda saklamaly. Wagtynda we dogry iýmitlenmeli, ukyňy doly almaly; beýniňe çakdanaşa agram salmaly däl, arassa howada köp gezelenç etmeli. Ýurdumyzda ýokarda beýan edilenleri doly göz öňünde tutýan «Saglyk» Döwlet maksatnamasy hemişelik esasda hereket edýär. Maksatnamanyň talaplaryny doly we giňişleýin durmuşa geçirmek boýunça ýörite meýilnamalar işlenip düzülýär. Iň esasy guwandyryjy zat hem bu ugurda alnyp barylýan işleriň dünýä ülňüleriniň talaplaryna laýyklykda döwrebap kämilleşdirilip durulmagydyr.

Türkmen jemgyýetinde sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek we ony wagyz etmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde garalýar. Bu işiň baş maksady ilaty, esasan-da, ýaşlary bedenterbiýe we sport çärelerine köpçülikleýin çekmek, ahyrky netijede, sagdyn bedenli hem-de ruhubelent ýaşlary kemala getirmek bolup durýar. Ýurdumyzda ilatyň saglyk ýagdaýyny üpjün etmekde bedenterbiýäniň hem-de sportuň ösdürilmegine we ýaşlaryň sagdyn ruhda terbiýe almaklaryna möhüm ähmiýet berilýär.

Saglykda ýaşamak, sagdyn bolmak her birimiziň özümize baglydyr. Munuň üçin zyýanly endiklerden daş durup, hemişe hereket işjeňliginde bolmagy, irdenki maşklary ýerine ýetirmegi, açyk howada gezelenç etmegi, iş wagtynda önümçilik maşklaryny ýerine ýetirmegi, dogry iýmitlenmegi özümize hemra edinmelidiris. Bu ajaýyp endikler her birimiziň özümizi jemgyýet üçin peýdaly ynsan, raýat derejesinde gorap saklamagymyza, öýümizi, maşgalamyzy we ahyrky netijede jemgyýetimizi sagdyn saklamaga ýardam berýän ýagdaýdyr. Ilat arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, ilatyň saglyk ýagdaýyny has-da gowulandyrmak babatda alnyp barylýan işlere mynasyp goşandymyzdyr.

Gahryman Arkadagymyz: «Sport biziň üçin ýaşaýşyň gözelligidir, çünki munuň özi tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak endigidir, tejribesidir. Sport sagdyn durmuş ýörelgelerini durmuşa geçirmegiň iň möhüm şertidir» diýip, örän jaýdar belleýär. Sebäbi sport bilen meşgullanýan adam gözel ýaşamak endigini döredýär. Sport biziň durmuşymyzy gözelleşdirýär, jan saglygymyzy berkidýär.

Alym Arkadagymyzyň ýiti zehininden dörän «Sport dostluga, saglyga we gözellige tarap ýoldur», «Bagtyýarlyk saglykdan başlanýar», «Türkmenistan — melhemler mekany» ýaly nusgalyk kitaplary ynsan saglygy barasyndaky gymmatly eserlerdir. Bu kitaplarda ynsan saglygy barada, ynsan saglygyny berkitmek dogrusynda peýdaly maglumatlar jemlenendir we her bir türkmen raýaty üçin ýüregine ýakyn bolan neşirlerdir.

Jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkitmäge, halkyň saglygyny goramaga ähli döwrebap şertleri we mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, tutumly işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Bagtyýar GURBANBERDIÝEW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň hukuk fakultetiniň talyby.**

# SAGLYK — YNSANYŇ BAŞ BAÝLYGY

◆ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň netijesinde, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamy dünýä derejesinde has-da kämilleşýär. Bu maksatnama laýyklykda, halkymyzyň saglygyny goramak, keselleriň öňüni almak, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak babatda giň gerimli işler alnyp barlyp, uly ösüşler gazanylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly ajaýyp kitabynda saglygyň uly gymmatlykdygy, bahasyz baýlykdygy nygtalyp, muny açyp görkezýän maglumatlar, tymsaldyr rowaýatlar beýan edilýär. Adamlaryň öz saglygyna jogapkärli garaýşyny döretmekde, şol sanda ýaş nesilleriň sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermegini gazanmakda şu ýyl doglan gününiň 300 ýyllygy giňden bellenilýän beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň hem uly terbiýeçilik ähmiýeti bar. Akyldar şahyr: «Dürdür bu janyň lezzeti,//Saglyk onuň soltanydyr», «Saglygyň gadryny bilgil//Hassa bolmazdan burun» ýa-da «Jan saglygyň bolmaz hiç deňi-taýy...» diýmek bilen, ynsanyň bu gymmatly baýlygynyň gadyryny duýmagyny, ony gadyrlamagyny we goramagyny ündäpdir.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda-da ýurdumyzda halkyň saglygyny goramak, şunda dürli keselleriň öňüni almak, olary başlangyç döwürlerinde anyklamak we netijeli bejermek, şeýle hem ilaty, aýratyn-da, ýaşlary sport bilen meşgullanmaga işjeň çekmek, olaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.

**Aýgözel BERKELIÝEWA,**
**Baýramaly etrap merkezi kitaphanasynyň Azat geňeşligindäki kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.**







## ЧЕШСКАЯ ТЕННИСИСТКА БАРБОРА КРЕЙЧИКОВА СТАЛА ЧЕМПИОНКОЙ УИМБЛДОНА-2024

Чешская теннисистка Барбора Крейчикова стала чемпионкой Уимблдона-2024. В финальной встрече она обыграла Ясмин Паолини из Италии.

Матч продолжался один час 56 минут и завершился со счетом 6:2, 2:6, 6:4. В ходе встречи Крейчикова сделала шесть эйсов, допустила четыре двойные ошибки и реализовала три брейк-пойнта из семи заработанных. Итальянская теннисистка три раза подала на вылет, на ее счету одна двойная ошибка и два реализованных брейк-пойнта из шести заработанных.

Крейчикова второй раз выиграла турнир Большого шлема. До этого она становилась победительницей Открытого чемпионата Франции.




## АЛЬКАРАС ВТОРОЙ ГОД ПОДРЯД ОБЫГРАЛ ДЖОКОВИЧА В ФИНАЛЕ УИМБЛДОНА

Испанский теннисист Карлос Алькарас выиграл Уимблдонский турнир – 2024 в Лондоне.

В финале 21-летний спортсмен в трех сетах обыграл 24-кратного чемпиона турниров Большого шлема серба Новака Джоковича: 6:2, 6:2, 7:6. Матч продолжался два часа 27 минут.

Для Алькараса это четвертый выигранный титул в рамках турниров Большого шлема. В 2022-м испанец победил на US Open, год назад также обыграл Джоковича в финале Уимблдона, а в нынешнем сезоне еще также одержал победу на «Ролан Гаррос».

Алькарас стал девятым теннисистом в истории, выигравшим два Уимблдона подряд, а также шестым в истории победителем «Ролан Гаррос» и Уимблдона в одном сезоне. Он также стал четвертым в истории теннисистом, которому удалось дважды обыграть Джоковича в финалах турниров Большого шлема.

За победу на Уимблдоне Алькарас получит 2,7 миллиона фунтов призовых (около 3,5 миллиона долларов).

# AWAZA HAKYNDAKY ŞYGYRLARYŇ MAZMUN TAÝDAN ÇEPERÇILIGI

◆ Garaşsyzlyk ýyllarynda döredilen eserler diňe bir täze temalar bilen baýlaşman, eýsem, şygyrlar mazmun taýdan hem baýlaşdy, forma taýdan täze görnüşe eýe boldy. Edebiýatyň taryhynda mazmun we formanyň haýsynyň has möhümligi hakynda köp jedeller, edebi çekişmeler boldy. Bularyň hersiniň öz gezeginde edebi ösüş, edebi täzelikler üçin möhümdigi ylmy we edebi çekişmäniň nazary garaýyşlarynda anyk deliller bilen esaslandyryldy. Aýry-aýry edebiýatçy alymlaryň pikiriçe bolsa mazmun we forma biri-birinden aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýazyjy-şahyrlar hem Garaşsyzlyk ýyllarynyň şygyrlarynda täze mazmun we forma eýe bolan şygyrlary döretdiler. Ak goşgy formasynda ýazylan eserleriň, şeýle-de nusgawy şygyr düzüş formasynda ýazylan eserleriň hem täze mazmun bilen baýlaşmagy häzirki Garaşsyzlyk döwründe şahyrlaryň ösüşli we aýratynlykly taraplarynyň biridir.

Hazar deňzi, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakyndaky eserleriň hem mazmun taýdan gowuzlygy, täze-täze çeperçilik serişdeleriniň ulanylýanlygy edebiýatyň taryhynda edebi seljermeler arkaly öwrenilmegi has möhümdir. Şu tarapdan Türkmenistanyň halk ýazyjysy Atamyrat Atabaýewiň, Nobatguly Rejebowyň, şahyr Amanmyrat Maýewiň, Nurgözel Gozlyýewanyň şygyrlarynda mese-mälim görmek mümkin.

Atamyrat Atabaýewiň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ilkinji tapgyrynyň açylyş dabarasyndan soň döreden «Gurulýar gözel «Awaza» atly şygry 16 setirli dörtleme şekilinde ýazylypdyr. Bu şygryň ilkinji bendi şeýle başlanýar:

**Halkyň saglygy hakynda Prezidentiň tagallasy**
**Iki ýarym ýyldan bäri her bir işinde duýlup dur.**
**Diňe ili-güni hakda bar pikiri, bar yhlasy,**
**Her günde täze binalaň mäkäm binýady goýlup dur.**

Şygyrda turuwbaşdan Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir» diýen şygarynyň düýp manysy, şol şygar esasynda ýurdumyzyň ösýändigi, halkyň saglygy üçin aladalaryň edilýändigi hakynda beýan edilýär. Birinji bentden hem görnüşi ýaly, «Awaza» hakynda agzalmasa-da, «Awazanyň» gurulmagynyň, ilkinji nobatda, halkyň saglygy, medeniýetli dynç almagy üçin gerekdigi hakyndaky düýp many duýulýar.

**Çal başly goja Hazaryň dertlere derman suwy bar,**
**Oň suwundan şypa tapýan kenarynda dynç alaňda.**
**Tomus düşse, göwünlermiz şol kenara atygsaýar,**
**Hem «Awaza» ýada düşýär Hazar deňzi agzalanda.**

Bu setirler many taýdan birinji bendiň dowamy bolup, onuň şypa beriji suwunyň bardygyny, dynç almaga gelýän adamlaryň saglygyna oňaýly täsir edýändigi nygtalýar. Diýmek, şygryň logiki yzygiderliligi kemala gelýär. Hazar deňziniň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi bu ýeriň ekologiýa taýdan has amatlydygy, suwunyň şypalydygy üçin saýlanyp alynmagyna esas bolandygyna şahyrana setirleriň üsti bilen düşünmek mümkin.

Diýmek, bu ýerde syýahatçylyk zolagynyň gurulmagy bilen diňe bir halkymyz üçin däl, eýsem, dünýä halklarynyň hem gelýän arzyly ýerine öwrülmelidir.

**Dünýäniň lagly-merjeni diýilýän kän zolaklardan**
**Artyk bolmasa, kem bolmaz sähel wagtdan «Awazamyz».**
**Saglygyny dikeltmäge myhman geler ähli ýerden,**
**Çünki bu gün dünýä çykýar biziň at hem owazamyz.**

Umuman, şahyr Awazanyň waspy Hazar kenarynyň dynç almak, saglygyňy berkitmek üçin peýdalylygynda, bu ýeriň dünýä halklarynyň gelim-gidimli syýahatçylyk merkezine öwrülmeginde ähmiýetli boljakdygy hakyndaky pikirler bilen berýär. Bu bolsa şygryň gury wasp bolman, eýsem, Awazanyň düýp manysyny dünýä ýaýmakda şahyrana özboluşlylygy kemala getirýär.

Türkmenistanyň halk ýazyjysy Nobatguly Rejebowyň hem Awazanyň waspyny ýetirýän «Awaza aýdymy», «Awaza» atly birnäçe goşgulary bar. On bölümçeden ybarat «Watannama» atly goşgular toplumynyň VIII bölümçesi Awazanyň waspyna bagyşlanýar. Bu bölümçe Awaza ýüzlenme şekilinde başlanyp, üýtgeşik labyza, galyba we forma eýedir.

**Awaza, Awaza, eziz Awaza,**
**Gül goýnuňda aşyk bolýan owaza.**
**Hüýlenen ýel näz-u-kereşme bilen,**
**Yşk owazyn bermiş heser howaňa.**
**Dünýäň hoşgähi sen, dünýäň seýli sen,**
**Zowky-sapasy sen, seýran keýpi sen,**
**Şypalaryň ajaýyby, beýgi sen,**
**Heýjana salyp sen, mesti mestana...**



Bu şygyr özboluşly owaza eýe bolmak bilen şygyr aýdym üçin hem saýlanyp bilner. Çünki setirleriň boşaşa kapyýalaşmagy, içki sazlaşygynyň bolmagy şygra özboluşly heň berýär.

Nobatguly Rejebow diňe bir şahyr bolman, eýsem, dramaturg hökmünde hem tanalýar. Şonuň üçin onuň ýazýan şygyrlarynyň özboluşly heňi bar. Şahyryň köp şygyrlary aýdym üçin ýazylan bolup, mazmun we forma taýdan akgynly okalýar. Ynha, onuň «Awaza aýdymy», «Awaza» şygyrlary hem «Döwletli döwran geldi» spektalyndan alnan aýdym-şygyrlardyr. Adyndan belli bolşy ýaly, «Awaza aýdymy» şygrynda «Awaza» sözi her bendiň ortasynda hem ahyrynda iki gezek gaýtalanýar. Bu bolsa şygyr okanyňda akgynlylyk döretmek bilen özboluşly heňi emele getirýär:

**Awaza... Awaza...**
**Söýgi ýaly owadan,**
**Jadyly sen ýşk ýaly!**
**Awaza... Awaza...**
**Ak bulut deý binalaň,**
**Lowurdaýar köşk ýaly!**
**Awaza... Awaza...**

Şygry okanyňda, özüňi Awazanyň kenarynda seýil edip ýören ýaly duýýaň. Sebäbi şygyr şol kenarda seýil edip ýören liriki gahrymanyň içki ýürek joşmasy hökmünde ýaňlanýar.

Şahyryň liriki gahrymanynyň ýürek joşgunyny «Awaza» diýen şygrynda has aýdyň görmek bolýar. Şahyr adamlary Awazanyň kenaryna çagyrýar, bu ýer hyýalyň hüýlenip göçjek derejede uçmah ýaly, Diýaryň näderejede ösýändigini görmek üçin hem bu ýere gelmek ýeterlik. Bu ýere gelip, «aşyk bolman», «ýşka sataşman», «öz ýaryňy tapman bilmersiň».

**Munda ýollar uzaýar jahanyň çar ýanyna,**
**Dünýä malyny berem bir günlük seýranyna.**
**Ganat-persiz uçar men ýüregmiň heýjanyna,**
**Seriňden geçeý diýseň, Awaza gel, Awaza!**

Şygryň ýokarky setirlerinden görnüşi ýaly, bu ýerden ýurduň deňiz ýollary çar tarapa uzaýar. Bu ýer dünýä halklary üçin hem arzyly mekana öwrüldi. Şonuň üçinem «bir günlük seýrany üçin dünýä malyny berip boljak» ajaýyp mekana gelip görmek gerek.

Şu zeýilli pikirler şahyr Amanmyrat Maýewiň şygyrlarynda hem eriş-argaç bolup geçýär. Onuň «Awaza aýdymy», «Gözel Awaza», «Awaza nagmalary», «Hazar gözelligi»... ýaly şygyrlarynda Hazar deňziniň, Awazanyň gözellikleri şahyrana wasp edilýär.

Şahyryň «Awaza aýdymy» atly şygry 11 setirli, bäşleme görnüşinde ýazylan özboluşly waspnamadyr. Şahyr bu şygrynda Awazanyň kenarynyň köňle ylham, kalplara nur çaýýandygyny belleýär. Bu ýerden dünýäniň çar ýanyna ýollar açylýar, gelen dünýä halklary hem haýran galyp, «Berekella, ussadyňa!» diýýärler:

**Ýol ýasap, ýol aşyp, ýerden hem gökden,**
**Myhmanlar gelýärler ýakyn-yrakdan.**
**Olaryň şatlygy aşyp çen-çakdan,**
**Guwanyp, buýsanyp bu gün ýürekden:**
**«Berekella, ussadyňa!» diýýärler,**
**Öz ýurduny söýüşi dek söýýärler.**

Döwletde eşretdir sapalary döredýän il Ogly «Awazaň adyny dünýä jar edip, kalplary güneş dek çoýýar, halkyny ýürekden söýýär». Bu gün bu beýik ösüşlere guwanyp, diňe waspyny ýetiräýmek galýar.

Şahyryň «Gözel Awaza» atly ikileme şygrynda hem Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda gözelleşýän Awazanyň waspy ýetirilip, ussatlyk bilen beýan edilýär.

**Garaja HAJYBERDIÝEW,**
**Balkanabat şäheriniň daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 23-nji orta mekdebiniň mugallymy.**

# ÝURDUMYZYŇ ÜSTAŞYR ULAG MÜMKINÇILIKLERI ÝOKARLANÝAR

◆ Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň üstaşyr-ulag geçirijiligini ösdürmek, halkara hyzmatdaşlygynda ulag-logistika ulgamynda dünýä döwletleri bilen ikitaraplaýyn we köp ugurly hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmek boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Merkezi Aziýa we Hazar ýakasy sebitinde ulag logistika ugurlaryny döretmek we ösdürmek boýunça Türkmenistanyň birnäçe möhüm başlangyçlary dünýä jemgyýetçiliginde giň goldawa eýe boldy. Munuň özi Beýik Ýüpek ýolunyň häzirki döwre laýyk derejede täzeden dikeldilmegine giň ýol açýar.

Ýurdumyzyň ulag düzümini düýpli döwrebaplaşdyrmak we toplumlaýyn ösdürmek boýunça giň gerimli taslamalar amala aşyrylýar. Üstaşyr ulag geçelgeleriniň ugrunda sebit we dünýä ähmiýetli döwrebap logistik desgalar, deňiz porty, demir ýollar we ýokary tizlikli awtomobil ýollary gurlup ulanmaga berildi. Bu bolsa Merkezi Aziýa, Hazar we Gara deňiz, «Demirgazyk-Günorta» hem-de «Gündogar-Günbatar» ugurlary boýunça multimodal ýük gatnawlaryny amala aşyrmaklyga mümkinçilik berýän üstaşyr ulag geçelgelerini döretmekde, sebitde we dünýäde halkara söwdany ösdürmekde ähmiýetini barha ýokarlandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň çäginden multimodal üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek boýunça giň gerimli taslamalaryň durmuşa geçirilmegini nazarlaýan ulag-logistika strategiýasy bu gün özüniň oňyn netijelerini berýär. Ýurdumyzda üstaşyr geçirilýän ulag serişdeleriniň we ýükleriň möçberleri hem-de olaryň görnüşleri ýylsaýyn artýar. Halkara üstaşyr ulag geçelgeleriniň ugrunda ýerleşýän Türkmenbaşy halkara deňiz porty bu günki gün Ýewropa bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda halkara ýük daşamalarynda örän ähmiýetli bolup durýar. Dünýäde halkara söwdanyň logistikasynda ýük daşamalaryň ugurlarynyň çalt üýtgeýän häzirki döwründe deňiz portunyň mümkinçilikleri netijeli peýdalanylýar.

